Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna
### на 1 июля 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

ARKADAG ŞÄHERI DABARALY AÇYLDY
3

## SELJERIŞ MAKALALARY

BAZAR GATNAŞYKLARYNYŇ HÄZIRKI ZAMAN ŞERTLERINDE BANK IŞINI KÄMILLEŞDIRMEGIŇ WAJYPLYGY
6

ELEKTRON SÖWDA - DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER
9

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
11

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
13

## KADALAŞDYRYJY HUKUKNAMALAR

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2023-nji ýylyň 27-nji aprelinde çykaran 132-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň karz edaralarynyň müşderileriniň «Karz taryhy» merkezleşdirilen maglumat binýadyny dolandyrmagyň we ony ulanmagyň Düzgünnamasy
25

# ARKADAG ŞÄHERI DABARALY AÇYLDY

2023-nji ýylyň 29-njy iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasy geçirildi. Ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan bu dabaraly çärä daşary ýurtlardan belent mertebeli myhmanlar hem gatnaşdylar.

Türkmen tebigatynyň iň gözel künjeginde bina edilen Arkadag şäheri berkarar döwletimiziň güýç-kuwwatyny we ägirt uly ösüş mümkinçiliklerini bütin dünýä äşgär edýär. Bu şäherde milli we häzirki zaman binagärliginiň ösen tejribeleri utgaşdyrylyp, önümçilik, medeni-durmuş maksatly desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda alnyp barylmagynyň ata Watanymyzyň döwrebap ösüşleriniň we milligimize goýulýan sarpanyň aýdyň nyşanydyr.

Ýurdymyzda kabul edilen «Arkadag şäheri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, bu ajaýyp şäher döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk ýagdaýy bilen berkidildi. Kanunyň kabul edilmegi bilen döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesi berlen Arkadag şäheri döwletimiziň gazanýan üstünliklerini açyp görkezýän dolandyryş-çäk birligi boljakdygyny ynam bilen aýdyp bileris.

Ekologik taýdan arassa ulaglaryň hereketi: elektrobuslar, elektromobiller... «Akylly» awtoduralgalar... Gün we ýel batareýalary, ýşyklandyryş ulgamy... Häzirki zaman sanly hyzmatlar... Zir-zibiller üçin «akylly» gaplar... Maşgalalar üçin smartfon arkaly dolandyrylýan «akylly» ýaşaýyş jaýlary..., umuman, bu ýerde «ýaşyl» tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy, sanly tehnologiýalaryň, intellektual ulgamlaryň ornaşdyrylmagy «akylly» şäher konsepsiýasynyň esasynda durmuşa geçirilýär.

Täze şäheriň gurulmagy bilen, taryhda öçmejek yz goýan şahsyýetlerimiziň atlary ebedileşdirildi, ýagny, olaryň atlary şäheriň täze binalaryna, edaralaryna, bilim ojaklaryna, köçelerine dakyldy.

Täze şäheriň birinji tapgyrynda dürli maksatly desgalaryň 330-dan gowragy gurlup ulanylmaga berildi. Döwrüň iň ýokary ýaşaýyş medeniýetini üpjün etmäge hyzmat etjek we durmuşyň ähli ugurlaryny gurşap alýan binadyr-desgalaryň hatarynda maliýe, ykdysadyýet, bank ulgamynyň edaralary hem bar.



Arkadag şäher ykdysady we maliýe pudaklarynyň edaralary bilen bir hatarda Arkadag şäheriniň Merkezi banky, Arkadag şäheriniň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky täze şäheriň bank ulgamyny emele getirýär.

Döwrebap tehnologiýalar bilen üpjün edilen Arkadag şäherindäki täze banklarda ýuridiki tarap bolan müşderilerine we telekeçilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny gör-











mek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak; mobil töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank töleglerini ýerine ýetirmek mümkinçiligi ýola goýuldy.

Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Şonuň ýaly-da, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak üçin zerur resminamalary elektron görnüşinde ugratmak, hyzmatlar üçin tölegi «Altyn asyr» bank karty arkaly amala aşyrmak hem mümkin. Raýatlarymyza uzak aralykdan bank kartlaryny açmak, täzeden çap etmek boýunça arzalaryny elektron usulda kabul etmek we bu boýunça tölegleri onlaýn görnüşde «Altyn asyr» bank kart ulgamy arkaly tölemek mümkinçiligi ýola goýuldy. Şeýle hem, karz almaga isleg bildirýän raýatlara ýüztutmalaryny onlaýn görnüşde resmileşdirmek, müşderä bu ýüztutmalarynyň ýagdaýy barada menzilara habar bermek hyzmatynyň kämilleşdirilen görnüşi, ýagny «onlaýn-kabulhana» döredildi.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasaty içeri we daşary syýasaty netijesinde amala aşyrylýan maliýe-bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň de-

rejesine ýetirmäge gönükdirilendir, bu bolsa adam baradaky aladanyň hemme zatdan öňde durýandygyny aňladýar.

Arkadag şäherindäki maliýe-bank edaralary «akylly» şäher konsepsiýasynyň talaplaryna doly laýyk gelýär. Bu ýagdaý täze şäherde «Türkmenistanda 2019-2025-njiýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» we Türkmenistany 2022 - 2052-nji ýyllarda ösdürmegiň strategiýasynda ilata edilýän maliýe, bank hyzmatlarynda sanly tehnologiýalary peýdalanmak boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär.






Akylly tehnologiýalar ornaşdyrylan maliýe-bank edaralary tarapyndan täze şäheriň edara-kärhanalary, raýatlary iň döwrebäp derejede, gysga wagtda we ýokary hilli maliýe-bank hyzmatlary, ätiýaçlandyryş hyzmatlary, pensiýa we ilatyň iş üpjünçiligi bilen bagly hyzmatlar bilen üpjün ediler.

Arkadag şäheriniň gurulmagy aýratyn ähmiýetlidir, ýurdumyzy bütinleý özgerdýän, ösdürýän beýik işleriň aýrylmaz bölegidir. Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň binagärlik, döredijilik zehininden binýat bolan Arkadag şäheri — döwletliligimiziň altyn şuglasydyr. Özgerişiň, bagtyň, buýsanjyň mukamydyr.

Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny mundan beýläk-de berkitmek, ykdysady we durmuş ösüşini ýokary depginler bilen üpjün etmek hem-de ykdysadyýetimizde bazar gatnaşyklaryny ösdürmek, bank işini döwrebaplaşdyrmak babatda zerur işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Goý, elmydama olaryň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat bähbitli alyp barýan belent tutumlary mundan beýläk-de diňe üstünliklere beslensin. Ýaşlaryň şäheri, «akylly» şäher – Arkadag şäheri gutly, mübärek bolsun.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Ylmy-önümçilik geňeşi

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BAZAR GATNAŞYKLARYNYŇ HÄZIRKI ZAMAN ŞERTLERINDE BANK IŞINI KÄMILLEŞDIRMEGIŇ WAJYPLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ykdysadyýetiň ähli pudaklary bilen bir hatarda bank ulgamynda hem düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüş depginleri, durnukly derejelerde saklanylýar. Şeýle ösüşleriň gazanylmagy ýurduň maliýe-bank ulgamynyň netijeli işlemegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň ösdürilmegi dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň iri banklarynyň iş tejribesine esaslanýan şertlerde amala aşyrylýar. Bu ulgamyň işiniň kämilleşdirilmegi ilkinji nobatda ýurduň karz edaralarynyň kanunçylyk binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagyny talap edýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanda iki derejeli bank ulgamy hereket edip, olara Türkmenistanyň Merkezi banky we beýleki karz edaralar degişlidir. Ýurtda ykdysady özgertmeleri amala aşyrmakda, pul dolanyşygyny sazlaşdyrmaklyk we milli puluň durnuklylygyny üpjün etmeklik gönüden-göni bank ulgamynyň esasy gaýragoýulmasyz wezipeleridir. Dünýäde ykdysady çökgünlikleriň dowam edýän döwründe, ýurduň ykdysadyýetini durnukly derejede saklamakda, dürli hojalyk subýektleriniň arasyndaky hasaplaşyklaryň üznüksiz alnyp barylmagyny üpjün etmekde, ykdysadyýetiň önümçilik pudaklaryny ösdürmekde banklaryň orny has-da ýokarlanýar.

Banklar köpugurly wezipeleri ýerine ýetirýän edara hökmünde çykyş etmek bilen, olaryň öz aralarynda we ykdysadyýetiň beýleki subýektleri bilen hemişe özara ykdysady gatnaşykda bolýandyklary sebäpli, bu ulgamyň işiniň ösdürilmegine döwlet derejesinde çemeleşmek möhüm wezipä öwrülýär.

Bazar gatnaşyklarynyň ösýän şertlerinde ýurtda ykdysady ýagdaýlaryň çylşyrymlaşmagy we olaryň tiz üýtgäp durmagy, diňe bir bank kanunçylygynyň düýpli özgerdilmegini talap etmän, eýsem banklaryň guramaçylyk-hukuk gurluşynyň düzüminiň, hereket edip gelýän içerki düzgünnamalaryň, işgärler syýasatynyň, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleriniň we hiliniň döwrebap kämilleşdirilmegini, şeýle hem beýleki zerur bolan çäreleriň döwrüň talaplary bilen utgaşdyrylyp amala aşyrylmagyny talap edýär.

Ýurdumyzda kabul edilen maksatnamalaryň tapgyrlaýyn esaslarda amala aşyrylýan döwründe bank ulgamynyň orny aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Sebäbi, ýurduň ykdysady kuwwatyny artdyrmaklyk, gurmaklyk, döretmeklik ýa-da haýsy hem bolsa bir täzeçilligi ornaşdyrmaklyk maliýe işinden, ýagny töleg we hasaplaşykdan başlanýar. Bu işleriň gurnaýjysy bolsa karz edaralarydyr.

Mälim bolşy ýaly, banklaryň işjeňligine araçyllyk we täjirçilik äheňleri mahsus bolup, olar tarapyndan edara-kärhanalaryň we ilatyň erkin pul serişdelerini banka çekip ýa-da bankara karzlaryndan peýdalanylyp, karz we beýleki aktiw amallaryň üsti bilen söwda, önümçilik we hyzmat ulgamlaryna, şeýle hem ýurduň dürli maýa goýum taslamalaryna ýerleşdirilýär. Karz ssuda maýasynyň hereketi bolmak bilen bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde ýurduň ykdysady pudaklarynyň arasynda maýalaryň toplanmagy we olaryň akymlarynyň netijeli dolandyrmaklygyň mehanizmi hökmünde çykyş edýär. Bu ýagdaýlar aýratyn-da ykdysadyýetiň önümçilik bilen bagly pudaklaryny goldamakda möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Ykdysady nazaryýetden mälim bolşy ýaly, maliýe we karz gatnaşyklarynyň arasynda kesgitli çäk bolmaýar, emma usulyýet nukdaýnazaryndan alnanda olary biri-birinden tapawutlan-

dyrmak ýerliklidir, çünki «maliýe» düşünjesine serişdeleriň paýlanylmagy nukdaý nazaryndan garalýan bolsa, «karz» gatnaşyklarynda gaýtadan paýlanan serişdeleriň yzyna gaýtarylýandygy bilen tapawutlandyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, karz gatnaşyklarynyň birnäçe aýratynlyklary bardyr: serişdeleriň toplanmagy we olaryň multiplikasiýasy, belli bir döwürleriň içinde taraplaryň arasynda göni we yzyna gaýtarylmak şertli şertnamalaýyn gatnaşyklaryň bar bolmagy, karz alyjylaryň karz ukyplylygyna baha bermek işleri, serişdeleriň maýalara öwrülmegi we beýlekiler.

Banklaryň karz ulgamy barada gürrüň edilende, karz edaralarynyň adaty däl amallary barada bellemek hem möhümdir, çünki bazar gatnaşyklarynyň ösýän şertlerinde ýurtda ykdysady ýagdaýlaryň üýtgemegi we çylşyrymlaşmagy, banklar tarapyndan ozal däp boýunça ýerine ýetirilip gelnen hyzmatlar müşderileriň isleglerini doly derejede kanagatlandyryp bilmeýär. Şonuň üçin, dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň karz edaralarynda giňden ulanylýan we olara uly möçberlerde girdejileri gazanmaga mümkinçilik berýän bank amallarynyň täze we ygtybarly görnüşleriniň ýurdumyzyň täjirçilik banklarynda ýola goýmaklyk bank işiniň has hem kämilleşmegine we döwür bilen aýakdaş hereket etmegine itergi berýär.

Türkmenistanyň bank ulgamynyň esasy maksady banklaryň likwidligini ýokarlandyrmaga, täze bank hyzmatlaryny, şol sanda, bank kartlaryny, «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlaryndan peýdalanmak arkaly ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hilini gowulandyrmaga, gerimini giňeltmäge, hasaplaşyklary ýönekeýleşdirmäge, tizleşdirmäge we bu ugurlardan halkara maliýe guramalary we daşary ýurt banklary bilen hyzmatdaşlyklary işjeňleşdirmäge, şeýle hem olaryň tejribelerini çuňňur öwrenmäge gönükdirilendir.

Karz edaralaryň işini netijeli guramakda bank amallarynyň kämilleşdirilmegi, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna doly geçirilmegi, täze innowasion tehnologiýalaryň we programma üpjünçilikleriň ornaşdyrylmagy, bu ugurlardan usuly resminamalaryň taýýarlanylmagy, işgärleriň hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrylmagy, ýurduň bank ulgamyny ösdürmekde dünýäniň ösen banklarynyň iş tejribesini öwrenip, olary milli ýörelgeler bilen utgaşdyryp amala aşyrmak döwrüň talabydyr. Häzirki döwürde ýurduň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek adaty ýagdaýa öwrüldi. Şunuň bilen baglylykda, ykdysadyýetiň durnukly we ýokary derejede ösüşini üpjün etmekde, milli manadyň satyn alyjylyk ukybyny ýokarlandyrmakda, halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmakda bank işiniň orny we ähmiýeti has-da artýar.

Bank işi ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna degişli bolup, onuň işi pullaryň hereketi, karz bermek, haryt toplumlarynyň we maýalaryň bir tarapdan beýleki bir tarapa geçmegi bilen baglydyr. Pul we maddy akymlary näçe köpugurly hem-de haryt-pul gatnaşyklarynyň derejesi ýokary boldugyça, haryt öndürijileriň bähbitlerine hyzmat edýän bank işi hem şonça-da köpdürli we baý mazmuna eýe bolýar.

Ýurduň ykdysady gatnaşyklarynda çökgünlikleriň emele gelmegi birnäçe pudaklaryň ýitgi çekmeklerine, kärhanalaryň we käbir banklaryň batyp galmagyna, raýatlaryň özlerinde toplan we bank goýumlaryna ýerleşdiren pul serişdeleriniň hümmetiniň gaçmagyna getirýändigi, şonuň netijesinde bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklarynda dartgynlylygyň emele gelendigi taryhdan mälimdir. Şeýle ýagdaýlaryň ýurtda ýüze çykmagynyň aradan aýrylmagynda banklar esasy orny eýeleýärler.

Ykdysady gatnaşyklaryň peselýän şertlerinde bank işiniň hereket edýän çygry hem peselýär. Ýurtlaryň ykdysady taýdan ösüşi syýasy faktorlara, we jemgyýetde kabul edilýän ykdysady gatnaşyklaryň gurluş nusgasyna bagly bolup durýar.

Bazar gatnaşyklarynyň ösýän şertlerinde banklaryň ykdysady ulgamyň hereketlendiriji merkezi bolup çykyş etmegi şu aşakdaky görkezilen üç sany sebäpler bilen şertlendirilýär:

Birinjiden, ýurduň ähli pul dolanyşygy banklaryň üstünden geçýär. Banklar kärhanalaryň we ilatyň nagt we nagt däl görnüşdäki hasaplaşyklaryny geçirýärler.

Ikinjiden, banklar diňe bir tölеglerde araçy bolup çykyş etmeýärler, olar maýalaryň hereketinde hem möhüm orny eýeleýärler. Banklaryň üsti bilen diňe bir pul hasaplaşyklary geçmeýär, olar müşderileriniň arzalary boýunça hasaplary açmak we şol hasaplaryň üsti bilen dürli görnüşlerdäki tölegleri amala aşyrmak bilen, maýalary bir eýeçilikden beýleki bir eýeçilige geçirýärler.

Üçünjiden, banklar ykdysady ulgamyň merkezinde bolmak bilen ägirt uly maliýe serişdeleriniň toplanýan ýeri bolup çykyş edýärler. Bu serişdeler hereketsiz ýatman, dolanyşyk we maýa goýum işleri üçin işjeň peýdalanylýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» we «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak hem-de ulgama halkara bank tejribesiniň iň täze we öňdebaryjy usulyýetlerini, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, töleg ulgamlaryny kämilleşdirmek işleri wajyp hem-de ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda bolmagynda galýar. Tutuş ýurdumyz boýunça durmuşa geçirilýän giň gerimli ykdysady özgertmeleriň çäklerinde ýurdumyzda bank ulgamyny kämilleşdirmeklige uly ähmiýet berilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlaryny mynasyp durmuşa geçirýän Arkadagly Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimiziň binýady has-da kuwwatlanýar, pugtalanýar we barha kämilleşip ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly barýar.

**Mülkaman ANNAGELDIÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň uly mugallymy

**Aýgözel ATALYÝYEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň mugallymy

# ELEKTRON SÖWDA - DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlyk ýyllarynda alyp barlan sazlaşykly döwlet syýasaty netijesinde, milli bank ulgamy kemala getirildi. Onuň hereket etmeginiň binýadynda goýlan düýpli ýörelgeler durmuş ugurly ykdysadyýetiň talaplaryna laýyk gelýär.

Maliýe edaralarynyň hünärmenleri döwlet Baştutanymyzyň öňde goýan jogapkärli wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmek üçin öz işlerini yzygiderli kämilleşdirýärler. Şol jogapkärli wezipeleriň hatarynda manadyň durnuklylygyny saklamak, bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, müşderilere hödürlenilýän hyzmatlar ulgamyna dünýä tejribesini, öňdebaryjy usullary we täzeçil tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň gyradeň dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň pul serişdelerini maýa goýum hökmünde önümçilikde peýdalanmak üçin maliýe dolanyşygyna girizmek, ykdysadyýeti, ilkinji nobatda bolsa, onuň ileri tutulýan pudaklaryny karzlaşdyrmagyň möçberini artdyrmak, döwlet we pudaklaýyn maksatnamalara laýyklykda, maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek wezipeleri bar.

2020-nji ýylyň 14-nji martynda «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanuna laýyklykda, ýurtda elektron resminama dolanyşygynyň ýaýbaňlandyrylmagyny, menzilara bank hyzmatlaryny, ýagny uzak aralykdan sanly tehnologiýalaryň üsti bilen ykdysady taýdan wagty tygşytlama ýörelgesine esaslanyp, şahsy we ýuridik taraplaryň gymmatly wagtyny, şeýle-de maliýe serişdeleriniň tygşytlanmagyny gazanmak mümkin bolýar. Sanly ykdysadyýetiň durmuşymyza çuň ornaşmagy bilen, kanunçylyk namalarynda bellenilýän elektron söwda, elektron pul, elektron gol, sanly haryt, sanly satuw ýaly düşünjeler halkyň arasyna giňden ornaşýar. Bu adalgalara raýatlaryň ähli gatlaklaryň hem düşünmegi sanly ulgamy ornaşdyrmaga we ony has-da kämilleşdirmäge amatly şert döredýär. Bu hyzmatlaryň ähli pudaklara ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýetimizde netijeli ösüş gazanmaga subutnama bolup hyzmat edýär.






Sanly ykdysadyýetde «sanly hyzmatlar» diýen esasy düşünje ulanylýar. Bu elektron maglumat ulgamlaryndan, maglumat-telekommunikasiýa torlaryndan we elektron amallardan peýdalanmak arkaly ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň umumy jemlenýän ýeridir. Başgaça aýdylanda, ähli satyn alnan harytlaryň we ýerine ýetirilen hyzmatlaryň gymmaty üçin sanly tehnologiýalaryň üsti bilen elektron görnüşde tölegleriň amala aşyrylmagydyr. Şunda banklaryň üstüne hem esasy we anyk wezipeler düşýär. Bank hyzmatlarynyň ýokarylygy we ygtybarlygy bolsa hyzmatyň dogry ýola goýulmagyna baglydyr.

Elektron resminama dolanyşygy baradaky düşünje — bu maglumat tehnologiýalaryndan we telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndan peýdalanmak arkaly elektron resminamalary işläp taýýarlamak, ibermek, kabul etmek, saklamak, peýdalanmak, goramak, täzelemek, gözlemek, ýygnamak, ýaýratmak we ýok etmek babatdaky amallaryň jemidir. Elektron söwda satyn almak-satmak, üpjün etmek, daşamak, saklamak, we telekeçilik işinde gaýry hyzmatlaryň amala aşyrylmagydyr.

Şeýlelikde, ýurdumyzda sanly ykdysadyýet sanly tehnologiýalaryň üsti bilen hyzmatlaryň dürli görnüşlerini halkymyza barha giňden hödürleýär. Elbetde, sanly ulgamyň peýdalanylmagy maglumat alyş-çalşygyny döwrebap guramaga, elektron göterijilerde maglumat akymlarynyň has netijeli

usulyny saýlamaga, resminamalaryň hasaba alynmagyna, gözegçiligi amala aşyrmaga we goragly saklamaga, olaryň ýitirilmeginiň öňüni almaga, aýratyn-da, kagyz resminama dolanyşygynyň belli bir derejede peselmegine, arhiw işleriniň ýeňilleşmegine täzeden-täze şertleri döredýär.

Häzirki wagtda sanly tehnologiýalar arkaly amal edilýän elektron resminama dolanyşygynda esasy ulanylýan gurallaryň biri-de elektron goldur. Elektron sanly gol - statik bolmadyk we menzilara bank hyzmatlaryny beriş ulgamynyň parametrleri bilen kesgitlenýän wagtyň dowamynda hereket edýän ýörite açar sözi bolmak bilen, degişli maglumata gol çekýän şahsyýeti kesgitlemek üçin ulanylýar. Umuman, sanly tehnologiýalaryň üsti bilen täze düşünjeleriň önümçilige ornaşdyrylmagy raýatlara, aýratyn-da, hususyýetçilere wagty tygşytlama ýörelgesine esaslanyp, az wagtyň dowamynda birnäçe işi ýerine ýetirmäge, netijede, köp möçberli we ýokary hilli önümleri öndürmäge, hyzmatlary ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Elbetde ornaşdyrylýan şeýle döwrebap hyzmatlar bank ulgamy bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda berkeýän bazar gatnaşyklarynyň we giň gerimli özgertmeleriň şertlerinde banklaryň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny üpjün etmäge «Türkmenistanyň bank ulgamyny 2011 - 2030-njy ýyllarda ösdürmegiň Döwlet maksatnamasy» uly goşant goşýar. Ýurdumyzyň bank ulgamynyň ygtybarlylygynyň ep-esli ýokarlandyrylmagy şol maksatnamanyň doly durmuşa geçirilmeginiň esasy netijesi bolmalydyr. Häzirki wagtda Arkadagly Serdarymyzyň tagallasy bilen bank ulgamynyň täzeçil, döwrebap ýörelgelere eýerýändigi bolsa buýsandyryjy ýagdaýdyr. Şol sanda hususy önüm öndürijilerimiz, söwda we hyzmatlar ulgamynda iş alyp barýan şereketler internet söwdasynyň gerimini günsaýyn giňeldýärler, elektron söwda sahypalaryny açmak, ykjam elektron goşundylaryny döretmek hem-de dünýä belli internet söwda ulgamlarynda ýurdumyzda öndürilen harytlary hödürlemek arkaly onlaýn usulda harytlary menzilara satmak we eltip bermek hyzmatlaryny giň gerimde amala aşyrýarlar. Elektron söwdany düzgünleşdirmek babatynda halkara derejesinde işler hem alnyp barylýar. BMG-niň 1996-njy ýyldaky mejlisinde «Elektron söwdasy boýunça nusgalyk kanun» kabul edildi. Halkara derejesinde şeýle kanunyň kabul edilmegi ýurtlara elektron serişdeleri arkaly harytlaryň özara alyş-çalşyny has-da ýeňilleşdirýär. Elektron söwdany ýurdumyzyň milli eksportyny ösdürmegiň wajyp guraly hökmünde peýdalanmagyň zerurlygyny, söwda amallaryny geçirmegiň bu usulynyň ýokary amatlylygy bilen düşündirip bolar. Elektron täjirçilik halkara söwdasynda bäsleşik artykmaçlyklaryny döretmäge mümkinçilik berýär hem-de onuň ösmegini höweslendirýär. Sanly ykdysadyýet bazarlaryň has-da biri-birine ýakynlaşmagyna getirýär.

Elektron täjirçilik harytlary (hyzmatlary) internet torlarynyň üsti bilen satyn almaklygy we satmaklygy göz öňünde tutýar. Müşderileri ýeňil gözläp tapmaga mümkinçilik bermegi elektron täjirçiligiň esasy artykmaçlygy hökmünde görkezmek bolar. Şoňa laýyklykda haryt öndürijiler öz harytlaryny daşary ýurtlara satmaga uly mümkinçilikleri alýarlar.

Umuman, nagt däl hasaplaşyga tapgyrlaýyn geçilýän şertlerde Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky hyzmatlaryň täze we döwrebap görnüşlerini müşderilere yzygiderli hödürleýär. Biz — bank ulgamynyň hünärmenleri hormatly Prezidentimiziň başlangyçlaryndan ugur alyp, mundan beýläk hem yhlasly zähmet çekeris. 2023-nji ýyl «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylymyzda ýurdumyzy bedew bady bilen ösüşlerden-ösüşlere, üstünliklerden-üstünliklere alyp barýan Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli döwletli işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Gulýa SAPAROWA,**
Türkmenistanyň «Halkbank» PTB-niň
Bank kart ulgamlar müdirliginiň
Maglumat howpsuzlygy bölüminiň baş hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июля 2023 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июля 2023 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июля 2023 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.07.2022 | 01.01.2023 | 01.07.2023 | 01.07.2023<br>01.01.2023-e,<br>%-de | 01.07.2023<br>01.07.2022-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **10** | **10** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **151** | 102,7 | 102,7 |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | **6 321 127** | **6 562 437** | **6 767 150** | 103,1 | 107,1 |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | **8 564,5** | **8 562,8** | **8 709,5** | 101,7 | 101,7 |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 616,1** | **6 782,9** | **6 939,1** | 102,3 | 104,9 |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **8 992,76** | **16 389,77** | **14 149,93** | 86,3 | 157,3 |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **84 320,65** | **88 926,48** | **91 385,38** | *102,8* | *108,4* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **42 425,15** | **41 735,64** | **40 871,47** | *97,93* | *96,3* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **24** | 3 | 9 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **151** | **16** | **26** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **23** | **1** | **2** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 июля 2023 г.

*müň manat / тыс. манат*

| Bellige alnan karz edaralar<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки | 2 200 537,9 | 31,71 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки | 1 884 030,3 | 27,15 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков | 4 571,0 | 0,07 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | 2 850 000,0 | 41,07 |
| **Jemi / Всего** | **6 939 139,2** | **100,0** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň iýun aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в июне 2023 года

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года | 5,0 % |

## 2023-nji ýylyň iýun aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в июне 2023 года

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяца | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца | 4,0 % |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
### Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

| Hereket eden döwri<br>Период действия | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,% | Esas<br>Основание |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г. |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г. |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г. |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г. |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г. |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г. |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г. |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г. |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г. |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов | Bellikler<br>Примечания |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 10% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 11.02.2015 | 5% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 12% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 6% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 9% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

**Londonyň gymmat bahaly metallar bazarynyň assosiasiýasy (LBMA) tarapyndan irdenki söwdada bellenilen nyrhy boýunça 2023-nji ýylyň iýun aýyndaky gymmat bahaly metallaryň 1 (bir) unsiýasynyň türkmen manadyna bolan gatnaşyklarynyň sanawy**

**Перечень цен драгоценных металлов за 1 (одну) унцию по результатам утренних торгов Лондонской Ассоциации рынков драгоценных металлов (LBMA) по отношению к туркменскому манату, действительных в июне 2023 года**

*manat /манат*

| | Altyn / Золото | Kümüş / Серебро | Platina / Платина | Palladiý / Палладий |
|---|---|---|---|---|
| 01.06.2023 | 6 855,6250 | 82,2150 | 3 517,5000 | 4 896,5000 |
| 02.06.2023 | 6 933,5000 | 83,5975 | 3 556,0000 | 4 893,0000 |
| 05.06.2023 | 6 798,7500 | 82,1625 | 3 521,0000 | 4 987,5000 |
| 06.06.2023 | 6 866,6500 | 82,7575 | 3 591,0000 | 4 928,0000 |
| 07.06.2023 | 6 870,6750 | 82,5475 | 3 647,0000 | 4 959,5000 |
| 08.06.2023 | 6 815,3750 | 82,8450 | 3 591,0000 | 4 833,5000 |
| 09.06.2023 | 6 872,4250 | 85,1025 | 3 545,5000 | 4 728,5000 |
| 12.06.2023 | 6 874,5250 | 84,7350 | 3 528,0000 | 4 602,5000 |
| 13.06.2023 | 6 874,0000 | 84,6650 | 3 475,5000 | 4 700,5000 |
| 14.06.2023 | 6 831,6500 | 83,3875 | 3 437,0000 | 4 767,0000 |
| 15.06.2023 | 6 771,2750 | 81,9175 | 3 384,5000 | 4 819,5000 |
| 16.06.2023 | 6 874,3500 | 83,9650 | 3 475,5000 | 4 868,5000 |
| 19.06.2023 | 6 840,2250 | 83,8250 | 3 440,5000 | 4 938,5000 |
| 20.06.2023 | 6 838,4750 | 83,1950 | 3 402,0000 | 4 907,0000 |
| 21.06.2023 | 6 773,3750 | 80,7625 | 3 349,5000 | 4 728,5000 |
| 22.06.2023 | 6 747,8250 | 79,1700 | 3 300,5000 | 4 672,5000 |
| 23.06.2023 | 6 717,7250 | 78,1900 | 3 248,0000 | 4 494,0000 |
| 26.06.2023 | 6 756,9250 | 79,8000 | 3 269,0000 | 4 515,0000 |
| 27.06.2023 | 6 733,8250 | 79,9225 | 3 251,5000 | 4 613,0000 |
| 28.06.2023 | 6 684,4750 | 79,1350 | 3 199,0000 | 4 420,5000 |
| 29.06.2023 | 6 664,1750 | 79,9050 | 3 209,5000 | 4 364,5000 |
| 30.06.2023 | 6 662,4250 | 78,6450 | 3 132,5000 | 4 287,5000 |

Görkezilen gatnaşyklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olar boýunça gymmat bahaly metallary satyn almak ýa-da satmak borçnamalaryny göz öňüne tutmazdan bellenildi.

Цены установлены без обязательств Центрального банка Туркменистана покупать или продавать указанные драгоценные металлы по данным ценам

***Halkara amallar müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Международных операций***

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda berlen karzlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
### Средние процентные ставки по кредитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам |
| **maý, 2023** **май, 2023** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä До востребования | | | | | | | | |
| 1 aýa çenli до 1 м-ца | | | | 12,0 | | | | |
| 1-3 aýa çenli 1-3 м-ца | 5,5 | | | 12,4 | | | | |
| 3-6 aýa çenli 3-6 м-ца | 5,5 | | | 14,0 | | | | |
| 6-12 aýa çenli 6-12 м-ца | | | 7,3 | 12,0 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary свыше 1 г. | 6,99 | 12,52 | 1,3 | 11,63 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda çekilen goýumlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
### Средние процентные ставки по депозитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara Юрид. лицам | Şahsy taraplara Физ. лицам |
| **maý, 2023** **май, 2023** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä До востребования | | 2,7 | | 3,2 | | | | |
| 1 aýa çenli до 1 м-ца | | | | | | | | |
| 1-3 aýa çenli 1-3 м-ца | | 8,3 | | 3,0 | | | | |
| 3-6 aýa çenli 3-6 м-ца | | 9,0 | | 9,6 | | | | |
| 6-12 aýa çenli 6-12 м-ца | 0,2 | 9,3 | 2,5 | 9,5 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary свыше 1 г. | 5,0 | 11,0 | 2,5 | 9,6 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan milli pulda berlen karzlar we olaryň göterim derejeleri
### Кредиты в национальной валюте, предоставленные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Показатели | 2023-nji ýylyň maý aýynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в мае 2023 г. | | 2023-nji ýylyň ýanwar - maý aýlarynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в январе - мае 2023 г. | |
|---|---|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat) Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%) Средний процент (%) | Möçberi (mln manat) Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%) Средний процент (%) |
| **Jemi berildi** **Выдано, всего** | **974,80** | **5,79** | **3 941,73** | **5,62** |
| edara görnüşli taraplara юридическим лицам | 515,77 | 2,00 | 2 126,53 | 2,47 |
| raýatlara физическим лицам | 459,03 | 10,04 | 1 815,20 | 9,32 |
| **Jemi berlen karzlardan:** **Из общей суммы кредитов:** | | | | |
| **Gysga möhletli, jemi** **Краткосрочные, всего** | **96,97** | **3,50** | **451,17** | **3,87** |
| edara görnüşli taraplara юридическим лицам | 96,89 | 3,50 | 450,79 | 3,86 |
| raýatlara физическим лицам | 0,09 | 11,26 | 0,38 | 11,18 |
| **Uzak möhletli, jemi** **Долгосрочные, всего** | **877,82** | **6,04** | **3 490,56** | **5,85** |
| edara görnüşli taraplara юридическим лицам | 418,88 | 1,66 | 1 675,74 | 2,10 |
| raýatlara физическим лицам | 458,94 | 10,04 | 1 814,82 | 9,32 |

## Karz edaralary tarapyndan milli pulda çekilen goýumlar we olaryň göterim derejeleri
### Депозиты в национальной валюте, привлеченные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Görkezijiler<br>Показатели | 2023-nji ýylyň maý aýynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в мае 2023 г. | | 2023-nji ýylyň ýanwar - maý aýlarynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в январе - мае 2023 г. | |
|---|---|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) |
| **Jemi çekilen:**<br>**Привлечено всего:** | **17 958,07** | **0,69** | **84 232,68** | **0,66** |
| **Talap edilýänçä**<br>**До востребования** | **17 837,49** | **0,67** | **83 406,57** | **0,63** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 13 822,33 | | 66 932,10 | |
| raýatlar<br>физические лица | 4 015,16 | 3,00 | 16 474,47 | 3,19 |
| **Möhletli**<br>**Срочные** | **120,58** | **3,32** | **826,10** | **4,01** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 85,72 | 0,84 | 650,64 | 2,53 |
| raýatlar<br>физические лица | 34,86 | 9,43 | 175,47 | 9,46 |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Türkmenistanyň karz edaralarynyň jemlenen jebislendirilen balansy
### Сводный консолидированный баланс кредитных учреждений Туркменистана

*müň manat / тыс. манат*

| | 01.07.2022 | 01.01.2023 | 01.07.2023 | 01.07.2023 ý.<br>01.07.2022 ý.<br>%-de |
|---|---|---|---|---|
| **IŞJEŇLER / АКТИВЫ** | | | | |
| Kassa we oňa deňlenen serişdeler<br>Касса и приравненные к ней средства | 618 286,77 | 703 374,27 | 717 845,06 | *116,10* |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk we ätiýaçlyk hasaplaryndaky serişdeler<br>Корреспондентские счета в Центральном банке Туркменистана и средства на резервных счетах | 14 617 905,31 | 22 877 241,79 | 20 471 999,86 | *140,05* |
| Karz edaralara, kärhanalara, guramalara we raýatlara goýberilen karzlar<br>Кредиты, предоставленные кредитным учреждениям, предприятиям, организациям и гражданам | 114 204 255,94 | 119 081 280,53 | 123 229 967,36 | *107,90* |
| Esasy serişdeler we maýa goýumlary<br>Основные средства и инвестиции | 1 660 699,26 | 1 687 078,15 | 1 668 996,05 | *100,50* |
| Gaýry işjeňler<br>Прочие активы | 12 926 760,37 | 9 968 712,28 | 10 935 655,97 | *84,60* |
| **JEMI IŞJEŇLER / ВСЕГО АКТИВОВ** | **144 027 907,66** | **154 317 687,02** | **157 024 464,31** | ***109,02*** |
| **IŞJEŇ DÄLLER / ПАССИВЫ** | | | | |
| Hususy serişdeler<br>Собственные средства | 11 019 597,39 | 12 298 158,90 | 12 108 378,42 | *109,88* |
| Karz alnan we çekilen serişdeler<br>Привлеченные и заемные средства | 110 203 460,40 | 119 989 633,43 | 119 843 633,65 | *108,75* |
| Karz çeşmeler boýunça şahamçalar bilen özara hasaplaşyklar<br>Взаимные расчеты с филиалами по кредитным ресурсам | 17 159 260,01 | 18 094 916,82 | 20 564 909,88 | *119,85* |
| Gaýry işjeň däller<br>Прочие пассивы | 5 645 589,86 | 3 934 977,87 | 4 507 542,36 | *79,84* |
| **JEMI IŞJEŇ DÄLLER / ВСЕГО ПАССИВОВ** | **144 027 907,66** | **154 317 687,02** | **157 024 464,31** | ***109,02*** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary barada maglumat
### Информация об остатке задолжностей кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте предприятиям, организациям, населению

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.07.2022 | | | | 01.01.2023 | | | | 01.07.2023 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | 01.07.2023 ý.<br>01.07.2022 ý.<br>%-de | şol sanda / в том числе: | | |
| | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные | | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные |
| Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте, предприятиям, организациям, населению | **84 320,6** | **4 458,7** | **79 832,0** | **29,9** | **88 926,5** | **5 267,8** | **83 633,2** | **25,5** | **91385,4** | **108,4** | **4 875,0** | **86 442,5** | **67,9** |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов выданные предприятиям и организациям государственной собственности | **55 487,3** | 3 834,0 | 51 651,1 | 2,2 | **57 688,8** | 4 975,0 | 52 713,0 | 0,7 | **59 134,3** | 106,6 | 4 469,1 | 54 664,5 | 0,7 |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности | **11 523,8** | 598,5 | 10 898,1 | 27,2 | **12 154,6** | 250,6 | 11 879,6 | 24,3 | **12 163,9** | 105,6 | 346,3 | 11 793,1 | 24,6 |
| Raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов физическим лицам и предпринимателям без образования юридического лица | **17 309,6** | 26,2 | 17 282,8 | 0,6 | **19 083,1** | 42,2 | 19 040,6 | 0,4 | **20 087,2** | 116,0 | 59,6 | 19 984,9 | 42,7 |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций***

## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini
### Темпы роста средств на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.07.2022 | | | 01.01.2023 | | | 01.07.2023 | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | 01.07.2023 ý.<br>01.07.2022 ý.<br>%-de |
| Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях | **39 182,97** | **16 456,82** | **55 639,79** | **40 308,50** | **16 892,96** | **57 201,46** | **40 536,28** | **17 415,45** | **57 951,73** | *104,2* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий и организаций государственной собственности | 22 678,24 | 15 420,56 | **38 098,80** | 24 821,17 | 15 705,69 | **40 526,86** | 26 809,26 | 16 388,91 | **43 198,17** | *113,4* |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий, организаций негосударственной собственности и населения | 16 504,72 | 1 036,27 | **17 540,99** | 15 487,33 | 1 187,27 | **16 674,60** | 13 727,02 | 1 026,54 | **14 753,56** | *84,1* |
| şol sanda:<br>raýatlaryň we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler<br>в том числе:<br>Средства физических лиц и предпринимателей без образования юридического лица | 5 443,28 | 478,53 | **5 921,82** | 5 194,03 | 493,79 | **5 687,83** | 4 215,04 | 531,33 | **4 746,37** | *80,2* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary
### Вклады населения в кредитных учреждениях Туркменистана

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler Показатели | 01.07.2022 | | | 01.01.2023 | | | 01.07.2023 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä До востребования | Möhletli Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä До востребования | Möhletli Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | 01.07.2023 ý. - 01.07.2022 ý. %-de | Talap edilýänçä До востребования | 01.07.2023 ý. - 01.07.2022 ý. %-de | Möhletli Срочные | 01.07.2023 ý. - 01.07.2022 ý. %-de |
| Döwlet täjirçilik banklarynda В государственных коммерческих банках | **1 902,0** | 1 644,0 | 258,0 | **1 855,6** | 1 578,5 | 277,1 | **1 886,4** | *99,2* | 1 602,8 | *97,5* | 283,5 | *109,9* |
| Paýdarlar täjirçilik banklarynda В акционерно-коммерческих банках | **1 118,3** | 938,4 | 180,0 | **1 136,2** | 937,3 | 198,9 | **1 174,1** | *105,0* | 940,7 | *100,2* | 233,4 | *129,7* |
| Daşary ýurt banklarynyň şahamçalarynda В филиалах иностранных банков | **0,39** | 0,39 | | **0,36** | 0,36 | | **0,55** | *143,3* | 0,55 | *143,3* | | |
| **Jemi / Итого** | **3 020,7** | **2 582,8** | **437,9** | **2 992,2** | **2 516,2** | **476,0** | **3 061,0** | *101,3* | **2 544,1** | *98,5* | **516,9** | *118,0* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

**2023-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan terminallar, bankomatlar hem-de bank kartlary boýunça maglumat**
**Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана терминалах, банкоматах и банковских картах по состоянию на 1 июля 2023 года**

| Karz edaralaryň ady / Наименование кредитных учреждений | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкомат | Terminallar / Терминал | Ahal welaýaty / Ахалский велаят | | | Aşgabat / Ашхабад | | | Arkadag / Аркадаг | | | Balkan welaýaty / Балканский велаят | | | Daşoguz welaýaty / Дашогузский велаят | | | Lebap welaýaty / Лебапский велаят | | | Mary welaýaty / Марыйский велаят | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкоматы | Terminallar / Терминалы | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкоматы | Terminallar / Терминалы | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкоматы | Terminallar / Терминалы | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкоматы | Terminallar / Терминалы | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкоматы | Terminallar / Терминалы | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкоматы | Terminallar / Терминалы | Bank kartlary / Банковские карты | Bankomatlar / Банкоматы | Terminallar / Терминалы |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 1 | 6 | 1 | | 1 | | 1 | 1 | 1 | | | | | 1 | | | 1 | | | 1 | | | 1 | |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 1 038 783 | 439 | 8 157 | 73 890 | 41 | 858 | 483 382 | 205 | 3 402 | 365 | 2 | 7 | 156 924 | 64 | 1 219 | 76 730 | 26 | 571 | 114 286 | 49 | 1 113 | 133 206 | 52 | 987 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 575 189 | 356 | 5 583 | 8 638 | 7 | 111 | 203 674 | 92 | 1 194 | | | | 125 685 | 81 | 897 | 40 608 | 35 | 780 | 111 820 | 75 | 1258 | 84 764 | 66 | 1 343 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 633 745 | 145 | 7 820 | 46 297 | 11 | 887 | 229 848 | 67 | 2 485 | 198 | 2 | 6 | 40 354 | 5 | 756 | 48 322 | 9 | 1 033 | 170 648 | 25 | 1 334 | 98 078 | 26 | 1 319 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 1 878 853 | 1 024 | 8 983 | 290 412 | 180 | 1105 | 31 214 | 19 | 446 | 1 | 2 | 4 | 115 673 | 89 | 1 176 | 463 497 | 196 | 1 752 | 420 657 | 263 | 2 516 | 557 399 | 275 | 1 984 |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-Турецкий АКБ | 116 119 | 10 | 1 778 | | | | 109 291 | 5 | 1 223 | | | | | | | 1 000 | 1 | 90 | 3 148 | 3 | 236 | 2 680 | 1 | 229 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 174 982 | 20 | 4 062 | | | | 110 611 | 12 | 2 147 | | | | 12 971 | 2 | 372 | 11 610 | 2 | 477 | 19 112 | 2 | 460 | 20 678 | 2 | 606 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 429 083 | 92 | 4 620 | 21 002 | 5 | 150 | 215 232 | 15 | 2 013 | | 1 | | 74 084 | 19 | 904 | 30 504 | 12 | 671 | 36053 | 20 | 345 | 52 208 | 20 | 537 |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 485 062 | 50 | 1 242 | | | 43 | 445 573 | 32 | 825 | | | | 39 489 | 18 | 330 | | | 19 | | | 12 | | | 13 |
| **Jemi / итого** | **5 331 817** | **2 142** | **42 246** | **440 239** | **245** | **3 154** | **1 828 826** | **448** | **13 736** | **564** | **7** | **17** | **565 180** | **279** | **5 654** | **672 271** | **282** | **5 393** | **875 724** | **438** | **7 274** | **949 013** | **443** | **7 018** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

### 01.01.2023 - 01.07.2023 seneleri aralygynda bank kartlary boýunça nagt we nagt däl pul dolanyşygy
### Наличный и безналичный денежный оборот по банковским картам на период с 01.01.2023 по 01.07.2023 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Jemi / Итого | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Amallaryň sany<br>Количество операций | Nagt almak (manat) / Снятие наличных (манат) | | Nagt däl hasaplaşyk (manat) / Безналичный расчет (манат) | | | | | |
| | | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | «Internet-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Интернет-банк» | «Mobil-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Мобильный-банк» | «Elektron-söwda» ulgamlary arkaly<br>Через системы «Электронной коммерции» | «Halkbank terminal» ulgamy arkaly<br>Через систему «Халкбанк терминал» |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 36 271 | 14 081 400 | 3 444 986 | 1 420 339 | | | | | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 7 706 007 | 1 420 651 245 | 607 478 | 16 921 395 | 1 106 013 117 | 18 095 | 497 903 | 227 | 575 927 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 12 774 703 | 3 517 106 915 | 24 012 561 | 75 664 542 | 2 353 135 346 | 140 002 | 4 319 030 | 6 | 6 624 931 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 10 434 426 | 2 830 075 475 | 48 362 972 | 31 159 186 | 1 088 850 214 | 369 902 | 1 513 434 | 17 685 | 6 154 017 |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 15 857 539 | 1 296 576 560 | 14 999 819 | 32 327 961 | 1 137 961 373 | 27 033 | 395 020 | 476 168 580 | 1 113 062 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 2 484 582 | 521 392 002 | 3 867 747 | 16 219 373 | 554 808 721 | 144 201 | 2 061 773 | 18 213 869 | |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 1 160 899 | 39 280 270 | 1 256 842 | 174 270 | 330 484 657 | 133 | 70 847 | 1 271 435 | |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-турецкий АКБ | 2 949 102 | 223 113 780 | 1 758 162 | 389 081 | 869 176 261 | | | 7 173 309 | |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 1 166 842 | 230 119 000 | | | 236 802 987 | 453 010 | | 5 266 742 | |
| **Jemi / Итого** | **54 570 371** | **10 092 396 647** | **98 310 566** | **174 276 146** | **7 677 232 677** | **1 152 375** | **8 858 007** | **508 111 853** | **14 467 937** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2023-nji ýylyň 27-nji aprelindäki 132-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2023-nji ýylyň 2-nji iýunynda 1711 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

# Türkmenistanyň karz edaralarynyň müşderileriniň «Karz taryhy» merkezleşdirilen maglumat binýadyny dolandyrmagyň we ony ulanmagyň Düzgünnamasy

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanyň karz edaralarynyň müşderileriniň «Karz taryhy» merkezleşdirilen maglumat binýadyny dolandyrmagyň we ony ulanmagyň Düzgünnamasy (mundan beýläk – Düzgünnama) Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda çykaran 984-nji kararyna, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 2136-njy kararyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň karz edaralarynyň hünärmenlerini «Karz taryhy» merkezleşdirilen maglumat binýadyna (mundan beýläk – Ulgam) birikdirmegiň, ondan peýdalanmagyň, oňa ygtyýarlyk bermegiň we Ulgamyň Administratorynyň Ulgam bilen bagly işleri alyp barmagyň, Türkmenistanyň karz edaralarynyň müşderileriniň karz taryhyny resmileşdirmegiň hem-de olary saklamagyň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Şu Düzgünnamada ulanylýan esasy düşünjeler:

1) Açar sözi - Ulgama girmek üçin ulanyjy tarapyndan goýulýan gizlin ýazgy;

2) Administrator – Ulgamyň işleýşine gözegçilik edýän Türkmenistanyň Merkezi bankynyň (mundan beýläk – TMB) Bank gözegçiligi we Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirlikleri hem-de karz edaralarynyň merkezi edarasy tarapyndan berkidilen hünärmenler;

3) Karz taryhynyň býurosy - karz taryhyny özünde jemleýän maglumatlar binýadyny alyp barýan TMB-niň Bank gözegçiligi Müdirliginiň düzüm gurluşy;

4) Karz şertnamasy - müşderi bilen karz edaranyň arasyndaky özara gatnaşyklary düzgünleşdirmek maksady bilen baglaşylýan raýat-hukuk häsiýetli şertnama;

5) Karz taryhy - şu Düzgünnamada kesgitlenilen we müşderi tarapyndan karz şertnamasy boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmegi bilen häsiýetlendirilýän we karz taryhynyň býurosynda saklanylýan maglumatlar;

6) Karz taryhynyň subýekti - karz şertnamasy boýunça müşderi bolup durýan we şol babatda karz taryhy döredilýän fiziki ýa-da ýuridik şahslar;

7) Karz hasabaty - Karz taryhynyň býurosy tarapyndan karz taryhyny ulanyjylaryň we «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 34-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda almaga hukugy bolan şahslaryň soramagy boýunça berilýän karz taryhynyň düzümine girýän maglumatlar;

8) Karz taryhynyň döreýiş çeşmeleri - karz şertnamasy boýunça kreditor bolup durýan we karz taryhyň düzümine girýän maglumatlary Ulgama girizýän karz edaralary;

9) Login - Ulgama girmek üçin ulanyja ýörite berkidilýän şertli at;

10) Ulanyjy - Ulgama maglumatlary gündelik girizýän hem-de peýdalanýan karz edarasynyň buýrugy esasynda berkidilen jogapkär hünärmen.

3. Şu Düzgünnamanyň maksatlary karz taryhlary döretmek we karz taryhynyň býurosynyň müşde-

rileriniň karz şertnamasy boýunça öz borçnamalaryny wagtynda ýerine ýetirmekligini, karz töwekgelçiligini umumy peseltmekligiň hasabyna kreditorlaryň we müşderileriniň goraglylygyny hem-de karz edaralaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaklygy häsiýetlendirýän maglumatlary toplamak, saklamak we mundan beýläk-de kämilleşdirmek üçin şertleri kesgitlemek bolup durýar.

4. Müşderileriň karz taryhlaryny alyp barmak üçin karz taryhynyň býurosy TMB-da hereket edýän Ulgamy ulanýar.

5. Karz taryhynyň subýekti bolan fiziki şahsyň, şol sanda ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslaryň - hususy telekeçileriň (mundan beýläk – hususy telekeçi) karz taryhy şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) müşderiniň görnüşi, raýatyň pasport maglumatlary ýa-da onuň şahsyýetini tassyklaýan beýleki resminamalary;

2) familiýasy, ady, atasynyň ady, öý salgysy, işleýän ýeri, wezipesi, telefon belgisi we dahyllylygy;

3) karzyň görnüşi, maksady, üpjünçiligi we çeşmesi;

4) karz şertnamasyna laýyklykda esasy bergini we göterimleri tölemekligiň möhletini görkezmek;

5) karz şertnamasyna laýyklykda karzyň möçberi, pul birligi we göterim derejesi;

6) karzyň möhleti, berlen we gaýtarylmaly seneleri;

7) müşderiniň karz şertnamasynyň belgisi we baglaşylan senesi;

8) hususy telekeçiniň şahsy salgyt belgisi we hasaplaşyk hasaby;

9) hususy telekeçi hökmünde döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda maglumatlar;

10) zamunlar, girewler, goşmaça ylalaşyklar, karzyň topary, karzyň hakyky berlen möçberi, karz hasaplary we tölegleri.

6. Karz taryhynyň subýekti bolan ýuridik şahsyň karz taryhy şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) müşderiniň görnüşi, ýuridik şahsyň ady, salgyt belgisi we hasaplaşyk hasaby;

2) guramaçylyk hukuk görnüşi, pudagyň indeksi, döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda maglumatlar;

3) ýuridik şahsyň (ýerleşýän ýeriniň) salgysy, telefon belgisi we dahyllylygy;

4) karzyň görnüşi, maksady, üpjünçiligi we çeşmesi;

5) karz şertnamasyna laýyklykda esasy bergini we göterimleri tölemekligiň möhleti;

6) karz şertnamasyna laýyklykda karzyň möçberi, pul birligi we göterim derejesi;

7) karzyň möhleti, berlen we gaýtarylmaly seneleri;

8) müşderiniň karz şertnamasynyň belgisi we baglaşylan senesi;

9) zamunlar, girewler, goşmaça ylalaşyklar, karzyň topary, karzyň hakyky berlen möçberi, karz hasaplary we tölegleri.

7. Karz taryhynyň döreýiş çeşmeleri tarapyndan şu Düzgünnamanyň on birinji böleginde kesgitlenen maglumatlar Karz taryhynyň býurosyna, «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 34-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda tabşyrylýar.

8. Karz taryhynyň býurosy tarapyndan karz taryhyny ulanyjylara hem-de «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 34-nji maddasyna we şu Düzgünnama laýyklykda maglumat almaklyga hukugy bolan şahslara maglumatyň berilmegi bank syrynyň bozulmagyny aňlatmaýar.

## II bap. Ulgam baradaky maglumatlary ýygnamagyň, tabşyrmagyň yzygiderliligi we gözegçilikde saklanmagy

9. Karz taryhynyň maglumatlary şu Düzgünnama laýyklykda gündelik TMB-niň Ulgamyna girizmek maksady bilen, karz edaralary tarapyndan toplanýar.

10. Gündelik berlen karzlar baradaky maglumatlar jemlenilip, Ulanyjy tarapyndan elektron görnüşinde, her gün Ulgama girizilýär.

11. Karz taryhynyň döreýiş çeşmeleri karz taryhynyň býurosyna şu Düzgünnamada kesgitlenilen

karz şertnamasyny baglaşan ähli müşderiler babatda, şol sanda karzlar boýunça kepil, zamun ýa-da girew beriji bolup çykyş eden ýuridik we fiziki şahslara degişli ähli maglumatlary tabşyrýarlar.

12. Şu Düzgünnama laýyklykda Ulanyjylar tarapyndan Ulgama maglumatlaryň girizilmegi boýunça gözegçilik karz edarasynyň Administratory tarapyndan amala aşyrylýar.

13. Ulanyjy tarapyndan Ulgamy ulanmak babatda şu Düzgünnamanyň düzgünleri berjaý edilmedik ýagdaýynda, TMB-niň Bank gözegçiligi müdirligi degişli karz edarasyna duýduryş hatyny ugradýar.

14. Karz taryhynyň býurosynyň Ulgam babatynda wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1) Ulgamda ulanyjylary döretmek (açmak), ýapmak we wagtlaýyn gabalanlary (blokirlenenleri) açmak;

2) Ulanyjylar bilen işleşmek;

3) Ulgamda ulanyjylaryň işini gözegçilikde saklamak;

4) Berlen maglumatlaryň ygtybarlylygyny üpjün etmek.

## III bap. Ulgama birikdirmegiň tertibi we ulanmagyň düzgünleri

15. Ulgamdan peýdalanmaga ygtyýarlyk almak üçin karz edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan jogapkär hünarmen buýruk esasynda berkidilýär hem-de buýrugyň göçürmesi hat üsti bilen TMB-na iberilýär.

16. Karz edaralarynyň Ulanyjylarynyň wezipeleri üýtgän ýa-da Ulanyjy işden çykan ýagdaýynda, şu Düzgünnamanyň on bäşinji böleginiň talaplary ýerine ýetirilip Ulgamdan peýdalanmaklyga karz edarasynyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda başga hünärmen berkidilýär.

17. Karz taryhynyň býurosy Ulanyja Ulgamdan peýdalanmaklyga rugsat bermek üçin şu hereketleri amala aşyrýar:

1) Ulanyjy üçin login we wagtlaýyn açar sözüni Ulgama girizýär;

2) Karz edarasynyň hünärmenine, Ulgama girmek üçin logini hat üsti bilen we wagtlaýyn açar sözüni elektron ulgamy arkaly ugradýar.

18. Karz edarasynyň berkidilen hünärmeni (Ulanyjy) Karz taryhynyň býurosy tarapyndan berlen logini we wagtlaýyn açar sözini ulanyp, Ulgama girýär we şol wagtyň özünde wagtlaýyn açar sözi, öz täze kesgitlän açar sözi bilen çalyşýar.

19. Ulgamdan peýdalanmak ygtyýarlygy karz edarasynyň haty we buýrugy (şol karz edaranyň hünärmenine berkidilendigi barada) esasynda karz edarasynyň merkezi edarasynda 2 sany jogapkär Administratoryna we 3 sany Ulanyja, her bir şahamçasynda bolsa 2 sany Ulanyja berkidilýär.

20. Ulgama karz edaralarynyň Ulanyjylary tarapyndan aşakda görkezilen maglumatlar nädogry girizilen ýagdaýynda, karz edarasynyň Administratory girizilen ýalňyşlyklary esaslandyryp karz edarasynyň adyndan hat bilen TMB-na ýüz tutýar we TMB-niň Administratory karz edarasynyň haty esasynda girizilen nädogry maglumata düzediş girizýär:

1) raýatyň pasportynyň ýa-da onuň şahsyýetini tassyklaýan beýleki resminamalarynyň belgisi nädogry girizilen ýa-da düýbünden girizilmedik ýagdaýynda;

2) ýapylan karzy açmak we maglumatlaryny üýtgetmek, eger-de şol ýapylan karz boýunça öň nädogry maglumatlar girizilen ýagdaýynda;

3) karz şertnamasynyň taraplary üýtgän ýagdaýynda.

21. Ulgama karz edaralarynyň we olaryň şahamçalarynyň Ulanyjylary tarapyndan nädogry maglumatlar girizilen ýagdaýynda, şahamçalaryň esaslandyrylan haty esasynda, şu Düzgünnamanyň ýigriminji böleginde görkezilen ýagdaýlardan başga halatlarda Ulgama karz edarasynyň Administratory tarapyndan düzediş girizilýär.

22. Ulanyjylara Ulgamdan bank işine degişli bolmadyk gaýry maglumatlary peýdalanmaklyga rugsat berilmeýär.

23. Administrator we Ulanyjy Ulgamda maglumat ulgamynyň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin şu Düzgünnamadan ugur alýarlar we onda bellenilen kadalary berjaý edýärler.

## IV bap. Administratoryň, Ulanyjynyň hukuklary we borçlary

24. Administratoryň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) Ulgamda näsazlyk ýüze çykan ýagdaýynda, öz wagtynda näsazlygy düzetmek we aradan aýyrmak boýunça degişli çäreleri geçirmeklige;

2) Ulgamyň monitoringini amala aşyrmak üçin goşmaça programma üpjünçiliklerini ulanmaklyga.

25. Administrator Ulgam bilen bagly Ulanyjylaryň ýüztutmalaryny öz wagtynda ýerine ýetirmäge borçludyr.

26. Ulanyjylaryň Ulgamy kämilleşdirmek boýunça teklipleri bermeklige we Ulgamdan bank işine degişli bolan maglumatlary görmeklige hem-de oňa girizmeklige hukugy bardyr.

27. Ulanyjylar şu aşakdakylara borçludyr:

1) Ulgamdan diňe öz wezipe borçlaryny, karz edarasynyň ýolbaşçylarynyň görkezmelerini, tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen peýdalanmaga;

2) Şahsy açar sözüni başga birine bermezlige;

3) Ulgama ýerleşdirilýän maglumatlaryň dogrulygyny we öz wagtynda tabşyrylmagyny üpjün etmäge;

4) Ulgamdaky maglumatlaryň aýan edilmezligine.

28. TMB-niň bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirligi Ulgamyň tehniki tarapdan kadaly işlemegini gözegçilikde saklaýar.

## V bap. Karz taryhynyň býurosynyň hukuklary we borçlary

29. Şu Düzgünnama laýyklykda TMB-na tabşyrylýan maglumatlar elektron binýat (baza) görnüşinde saklanylmalydyr.

30. Karz taryhynyň býurosy müşderiniň karz taryhyny, oňa degişli maglumatlary karz doly gaýtarylan gününden başlap 5 (bäş) ýylyň dowamynda maglumatlar binýadynda (bazada) saklaýar.

31. Karz taryhynyň subýekti özüniň karz taryhynda bar bolan maglumatlaryna dolulygyna ýa-da bölekleýin nägilelik bildirmek bilen, karz taryhynyň býurosyna bu karz taryhyna üýtgetmeleri we (ýa-da) goşmaçalary girizmek barada arza (mundan beýläk – Arza) bermäge hukuklydyr. Karz taryhynyň subýektiniň Arzasy gelip gowşan gününden başlap bir aýdan köp bolmadyk möhletiň dowamynda, Karz taryhynyň býurosy karz taryhyň düzümine girýän maglumatlary goşmaça barlamaga we Arza seredilmeginiň netijesi barada karz taryhynyň subýektine hat üsti bilen habar bermeklige borçludyr.

32. Eger-de karz taryhynyň subýektiniň Arzasy tassyklanan ýagdaýynda, Karz taryhynyň býurosy karz taryhyň jedelli bölegini üýtgedýär ýa-da Arzany kanagatlandyrman galdyrylmagynyň sebäplerini görkezmek bilen, karz taryhynyň subýektine hat üsti bilen jogap berýär.

33. Karz taryhynyň subýekti Karz taryhynyň býurosynyň kabul eden çözgütleri bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda, onuň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bu çözgütlere şikaýat etmäge hukugy bardyr.

## VI bap. Jemleýji düzgünler

34. Maglumat tehnologiýalarynyň howpsuzlygyny kämilleşdirmek we ýokarlandyrmak maksady bilen, zerurlyk ýüze çykan halatynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şu Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär we bu barada ulanyjylara goşmaça habar berilýär.

35. Karz edaralaryň şu Düzgünnama laýyklykda Ulgamdan peýdalanmaklygyna gözegçiligi TMB-niň Bank gözegçiligi müdirligi amala aşyrýar.

36. Şu Düzgünnamanyň talaplarynyň hem-de şahsy maglumatlar we olary goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda jogapkärçilige eltýär.